# Jaýryk halkasy 509 ýyl bäri ukuda…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jaýryk halkasy 509 ýyl bäri ukuda… JAÝRYK HALKASY 509 ÝYL BÄRI UKUDA, 7 BALLYK SARSGYN HERAN-HAÇAN BOLUBILER




Kahramanmaraşyñ «Sütçü İmam» uniwersitetiniñ mugallymy doktor Kop bir ýyl öñ duýduran eken…
2022-nji ýylyñ 10-njy marty…
*"…Gündogar Anadoly jaýryk halkasynyñ bäş parçasyndan biri bolan Gölbaşy-Türkogly segmenti 509 ýyl bäri energiýa toplady. Heran-haçan döwülip biljekdigini we döwülen ýagdaýynda 7 balla ýetjek ýer yranmasyny emele getirjekdigini çaklaýaryn»*.

Şu kesgitlemäni 11 aý öñ Kahramanmaraşyñ «Sütçü İmam» uniwersitetiniñ (KSU) Seýsmiki barlaglar we howp merkeziniñ müdiri, Inženerçlik we arhitektura fakultetiniñ geologiýa inženerçiligi bölüminiñ mugallymy Alijan Kop beripdir.
Her ýylyñ 1-7-nji martynda Seýsmiki hepdelik sebäpli geçirilýän ýygnanşyklaryñ materiallarynyñ jikme-jik ýygyndysy KSU-nyñ ýörite neşirinde bar. Şindi Alijan Kopyñ duýduryşlaryny okalyñ:

*"…Kahramanmaraş Türkiýede seýsmiki taýdan iñ howply welaýatlarynyñ başyny çekýär. Şol sebäpli-de birnäçe maksatnamada Kahramanmaraş pilot sebit hökmünde howply welaýatlaryñ başyny çekýär.*

…Kahramanmaraşda ýer yranma howpunyň ýokary bolmagynyň iki sebäbi bar. Bulardan birinjisi: Gündogar Anadoly jaýrygynyň Gölbaşy bilen Türkoglynyň arasyndan geçýän zolagy. Bu segmente Gölbaşy-Türkogly adyny berýäris. Bu segment şäheriň merkezine bary-ýogy 15-16 km uzaklykdan geçýär.

…Gündogar Anadoly jaýrygynyň jemi 6 sany parçasy (segmenti) bar. Şu 6 segmentden 5 sanysy 1800-nji ýyllarda sarsgyn döredenem bolsa, Gölbaşy-Türkogly segmenti şol döwürde sarsgyn döretmändir.

…Bu segmentiň döreden soňky iki ýer titremesine seredenimizde taryhy çeşmelere görä 1114-nji, 1513-nji ýyllarda sarsgyn berendigini görýäris. Ýagny, her 400 ýyla golaý wagtdan bir gezek sarsgyn döredýän bu segment 1513-nji ýyldan bäri sarsgyn bermändir we güýç toplapdyr. Hususanam 509 ýyl bäri bu segmentiň üstünde eneregiýa toplanypdyr bu segmente Türkiýäniň iň möhüm seýsmiki boşluklarynyň biri hökmünde baha berilýär.

….Ýagny, sarsgyn döretme potensialy bolup, häzire deňiç sarsgyn döretmek halka hökmünde baha berilýär. Gecmişde-de 7 balldan geçýän ýa-da 7 ball çemesi sarsgyn döreden bu segment islendik wagt 7 ball çemesi sarsgyn döredip biler. Munuň täsiri aýratynam Kahramanmaraşda ýiti duýular.»

Kesgitlemeler mundan soň has-da wehim!




- **28 km uzynlykda Kahramanmaraş jaýryk zolagynyň bardygy anyklandy**

KSU-nyň Seýsmiki barlaglar we howp merkeziniň müdiri Alijan Kopyň aýdan şu sözleriniň aşagyny çyzalyň:

*«Mysal üçin Kahramanmaraşdan ýüzlerçe km uzaklykda emele gelen soňky Siwrije (Elazig 2022) ýer yranmasynyň täsiri Kahramanmaraşda has ýiti duýuldy we adamlar gorka düşüp, eýläk-beýläk gaçmaga synanyşdy. Eýsem-de Gölbaşy-Türkogly segmenti bilen baglanyşykly sarsgyn hem-ä örän golaýymyzda, hemem örän uly möçberde bolar».*

Ýer yranmasynyň ýakynlaşyp gelýänini we örän aýylganç boljagyny mugallym duýdurýar, ýöne ony diňleýänem ýok, eşidýänem!
Diňe bulam däl… Seretseňizläň, Kop ýene nähili duýduryşlary beren eken:

*"…Kahramanmaraşyň seýsmiki häsiýetiniň ikinji çeşmesi 2011-nji ýylda täzelenen Aktiw razlomlar boýunça Türkiýäniň kartasynda birinji gezek görkezilen Kahramanmaraş razlom zonasydyr.*

…Birnäçe jaýryk şahasyndan ybarat we 28 km uzynlykdaky bu zona gündogar-günbatar tarapa uzamak bilen Kahramanmaraş şäher merkeziniň içinden geçýär.

…Şeýle hem has öňden gurluşyga açylan we oturymly massiwler bilen bir hatarda gurluşyk üçin täze bölünip berilen birnäçe massiwde bu razlom zonasyna degişli şahalaryň bardygyny görýäris. Ýagny, Kahramanmaraş şäher merkezinde häzir birnäçe bina ýa-da birnäçe raýon, gynansak-da, gönüden-göni şol razlomyň üstünde otyr.

…Galyberse-de; şäheriň günbatara tarap giňelen massiwleriniň aşagyndanam şeýle razlomlaryň geçýändigini bilýäris. Geçiren ylmy barlaglarymyza görä, 28 km uzynlykdaky bu razlom (jaýryk) 6,8 ball magnitudaly ýer yranmasyny döretme mümkinçiligine eýe.

…Munuň özi şäheriň merkezinde edil Siwrije ýer yranmasyna meňzeş ýer yranmasynyň boljakdygyny aňladýar. Ýagny, ýüzlerçe km uzaklykda emele gelendigine garamazdan, adamlar gorka düşüp, uly howatyrlanma bilen eýläk-beýläk gaçyşan ýer yranmasynyň hut Kahramanmaraş şäheriniň merkezinde bolup

geçjekdigini añladýar. Şonuñ üçinem şolar ýaly güýçli ýer titreme howpunyñ abanýandygyny bilmegiñizi isleýärin».

- **Jaýrygyñ boş ýerlerde nireden geçýändigi belli edildi**

KSU-nyñ Seýsmiki barlaglar we howp merkezi bar. Maglumatlara görä, merkez gurlan gününden bäri Kahramanmaraşyñ sarsgyn howpy we bu babatda şäherde edilmeli işler boýuna ylmy-barlag işlerini, konferensiýalary, panelleri, reportažlary, bildirişleri we şuña meñzeş görnüşde adamlaryñ habardar edilmegi ugrunda birgiden işleri edip gelýär.
2021-nji ýylda Kahramanmaraşyñ «12-nji fewral» munisipaliteti bilen KSU-nyñ gol çekişen protokolynyñ çäklerinde «Kahramanmaraş razlom zonasynyñ» «12-nji fewral» etrabynyñ içindäki ýerleşişiniñ kesgitlenmegine gönükdirilip iş geçirildi.
Geçirilen işleriñ dowamynda razlomyñ üstünde garym gazyldy we ol ýerdäki razlomlar anyklandy. By razlomlaryñ könelişenligi bilen birlikde iñ soñky gezek haçan ýer yranypdyr, iñ soñky ýer yranmasyndan soñ şu güne çenli näçe wagt geçipdir, sarsgynyñ gaýtalanma period we opurylma tizligi nähili diýen ýaly meseleler boýunça maglumat toplandy. Netijede şäher merkezinden Kylawuzla çenli uzalan meýdanda birnäçe şahadan ýaýrap biljek görnüşdäki jaýrygyñ bardygy anyklandy. Şol şahalaryñ üstünde-de kyrka golaý garym gazyldy.




Eýsem bu garymlar gazylandan soñ nämäniñ üstünden baryldy. Alijan Kop şeýle diýýär:
*«Gazdyran garymlarymyzda Kahramanmaraş razlom zonasynyñ bardygyny örän aýdyñ ýagdaýda görübildik. «12-nji fewral»*

*munisipaliteti bilen geçiren işlerimiziñ netijesi bilenem razlomyñ boş meýdanda ymykly nireden geçýändigini anykladyk. Bu boýunça toplan maglumatlarymyzy-da munisipalitetimiziñ dykgatyna ýetirdik. Olaryñ elinde bolmaly, şäher munisipaliteti bilen paýlaşyp bilerler we şoña laýyklykda degişli öñüni alyş işleri geçirilip, bu razlom zolagynyñ üstünde ilatly punktlaryñ bolmazlygy üpjün edilip biliner».*

**NETIJE:** Ýer yranjakdygy görnetin öñündenem bellidi we yranybam dyndy. Döwletiñ borjy şeýle maglumatnamalaryñ üstünde işläp, degişli öñüni alyş işlerini geçirmek dälmi?

Aýtunç ERKİN.

«SÖZCÜ» gazeti, 08.02.2023 ý. Publisistika